Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň aýrylmaz bölegi bolan taryhy we medeni gymmatlyklary gorap saklamak boýunça yzygiderli uly işler alyp barýar. Ýurdumyzdaky şeýle ýadygärlikleriň biri-de «Gadymy Merw» Döwlet medeni-taryhy goraghanasydyr. 1999-njy ýylda Gadymy Merw ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Gadymy Merwiň bu abyraýly Sanawa goşulmagynda onuň iki sany möhüm aýratynlygy nazara alyndy. Birinjiden, Merw oazisiniň gadymy we orta asyr şäherleri iň azyndan dört müň ýylyň dowamynda Merkezi Aziýanyň medeniýetiniň ösmegine öz öňyn täsirini ýetirip gelipdir. Ikinjiden, Merwiň entek bürünç asyry döwründe Murgap derýasynyň köne binasynyň aşak akymyndaky ýerlerde ýüze çykan we häzir Garagumyň çägeleriniň arasynda ýitip giden gadymy şäherlerinden başlap XV-XVIII asyryň galalaryna çenli döwürde biri-birini yzygiderli çalyşyp gelen şäherleriniň täsin ýerleşiş ulgamy başga hiç bir ýerde gaýtalanmaýan özboluşlylyk bolup durýar.




Bu, Beýik Ýüpek ýolunda ýerleşen iň gadymy we iň gowy saklanyp galan oazis şäherlerinden biridir. Şonuň üçin-de onuň biziň günlerimizde diňe bir taryhçylaryň we arheologlaryň däl, eýsem dünýäniň dürli künjeklerinden köp sanly syýahatçylaryň hem ünsüni özüne çekmegi geň däldir. Merwiň çäginde dürli döwürlere degişli özboluşly galalar bar. Olar ölçegi we saklanyp galyş derejesi boýunça biri-birinden tapawutlanýar. Erkgala (b.e. ö. VI asyr), Gäwürgala (III asyr), Gyzgala (VI asyr), Soltangala (XI asyr), Abdylla han galasy (XV asyr), Baýramaly han galasy (takmynan XVIII asyr). Müňýyllyklaryň sepgidinde Merw üstünden

Все права защищены

häzirki Özbegistana, Owganystana, Eýrana, Hindistana we beýleki ýurtlara söwda ýollarynyň gidýän iň uly şäherine öwrülipdir. Merw birnäçe asyrlaryň dowamynda ösüp-ulalyp, XII asyryň başynda ösüşiniň iň ýokary derejesine ýetmek bilen, dünýäniň iň uly şäheri derejesine eýe bolupdyr. Gurluşygy 1157-nji ýylda başlanan Soltan Sanjaryň aramgähi Merwiň öňki beýikliginden ýadygärlige öwrülipdir. Seljuklaryň dolandyran döwründe Merw abadançylyk, bilim we hoşniýetliler tarapyndan tanalýan ajaýyp belentliklere beýgelipdir. Merw oazisiniň şäherleriniň dört müňýyllygyň dowamynda Merkezi Aziýanyň we tutuş Gündogaryň medeniýetine esli derejede täsir edendigini bellemek möhümdir. Seljuklar şäheri, aýratyn-da, binagärlige we binagärlik bezegine, şeýle hem ylmy we medeni ösüşe täsir edipdir. Merw oazisiniň şäherleriniň we berkitmeleriniň, olaryň şäher meýilnamasynyň yzygiderliligi birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda Merkezi Aziýada siwilizasiýalaryň bolandygynyň ajaýyp subutnamasydyr. Ol ýerde Ýusup Hemedanynyň metjidi ýerleşýär, oňa ýurdumyzdan we goňşy ýurtlardan yzy üzülmän, zyýaratçylar baryp durýarlar.



Merw öz akym ugryny kem-kemden gündogardan günbatara üýtgedýän Murgap derýasynyň

Все права защищены

akabasynyň boýunda ýerleşýän we onuň bilen baglanşykly bolan şäherler galalar ulgamyndan ybaratdyr. Hut şoňa görä-de, Merwi “göçüp-gonýan”, ýa-da “akymy üýtgedýän derýanyň” şäheri hökmünde häsiýetlendirip bolýar. Derýanyň akaba hanasynyň ugrunyň üýtgetmegi bilen täze ýere göçülmegi sebäpli taşlanan şäherler gaýtadan ilatlaşmandygy sebäpli olaryň galyndysy geçmişiň dürli döwürlerini häsiýetlendirýän möhüm taryhy maglumatlaryň gymmatly “hazynasyna” öwrülip galypdyr. Antik döwürde “Margiana Antiohiýa” ady bilen günbatar ýurtlarynyň ýazuw çeşmelerinde mälim bolan häzirki Gäwurgala ondan ozalky döwürde şäher merkezi bolan häzirki Erkgalanyň bir gapdalynda gurlupdyr. Beýik Seljuklar imperiýasynyň paýtagty bolan orta asyr Merw şäheri bolsa – häzirki Soltangala-Gäwürgalanyň ýerinde oturman, ondan günbatardaky täze ýere göçürilipdir.

**Şemşat GELDIÝEWA**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены